# GIZLIN WE ŞAHSY MAGLUMATLARY GORAMAK SYÝASATY

Şu «Gizlin we şahsy maglumatlary goramak Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat») «Arassa Deňiz» Hususy kärhanasynyň (mundan beýläk — HK) we HK-nyň ýolbaşçysynyň fiziki şahslaryň (şahsy maglumatlaryň subýektleriniň) şahsy maglumatlaryny işlemek, goramak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerine bolan garaýşyny beýan edýär.

Şu «Syýasat» hünär hyzmatlary berilen wagty, alnan şahsy maglumatlar işlenende, HK-nyň adamyň we raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramaga, şol sanda şahsy durmuşyň el degerilmezligini, şahsy we maşgala syrynyň hukugyny üpjün etmäge çemeleşmegi kesgitleýär.

**HK aşakdakylara borçlanýar:**

- **Şahsy maglumatlara bikanun girmekden, üýtgetmekden, ýaýratmakdan we ýok etmekden goramaklyga;**
- **Maglumatlary işlemegi we goramagy guramak üçin, jogapkär şahslary bellemäge;**
- **Guramaçylyk we tehniki howpsuzlyk çärelerini ulanmaga;**
- **Işgärler üçin okuw maslahatlaryny geçirmäge;**
- **Maglumatlary kanunçylykda we içerki resminamalarda, bellenen möhletleriň dowamynda saklamaga;**
- **Işlenip taýýarlanma ýa-da razylyk seslenmeleri maksadyna ýetenden soň, maglumatlaryň işlenip taýýarlanylmagyny bes etmäge.**

## 1. Şahsy maglumatlary işlemegiň maksatlary

1.1. HK diňe kanuny we öňünden kesgitlenen maksatlara ýetmek üçin, şahsy maglumatlary işleýär, şol sanda:

- Şahsy durmuş baradaky maglumat we ony goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryny berjaý etmek (2017-nji ýylyň 20-nji marty, № 519-V);
- HK-da giriş gözegçiligi we içki howpsuzlygy üpjün etmek;
- HK-nyň işgärleriniň we emläginiň howpsuzlygyny üpjün etmek;
- Buhgalterçilik hasabyny ýöretmek;
- Salgyt hasabatlylygyny taýýarlamak;
- Işgärler hasabyny ýöretmek;
- Şertnamalary baglaşmak we ýerine ýetirmek;
- HK-nyň işgärleriniň, kontragentleriniň, sargytçylarynyň, sarp edijileriniň we beýleki üçünji şahslaryň öňündäki borçnamalaryny ýerine ýetirmek;
- Şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki maksatlar.

## 2. Şahsy maglumatlary işlemegiň hukuk esaslary

2.1. Şahsy maglumatlary işlemek aşakda berlenleriň esasynda amala aşyrylýar:

- Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplary;
- Maglumat subýektiniň razylygy;
- Baglaşylan şertnamalar;
- HK-nyň beýleki kanuny bähbitleri.

## 3. Işlenilýän şahsy maglumatlaryň göwrümi

- Maglumatlary işlemegiň kanunçylygy we ak ýürekliligi;
- Diňe öňden bellenen maksatlara ýetmek üçin, zerur bolan maglumatlary işlemek;
- Maglumatlaryň takyklygy, derwaýyslygy we ygtybarlylygy;
- Maglumatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek;
- Täzeden işlemegiň maksatlary boýunça, biri-

- Saklanyş möhletlerini çäklendirmek;

birine laýyk gelmeýän maglumatlar binýatlaryny birleşdirmegi gadagan etmek.

## 4. Işlenilýän şahsy maglumatlaryň göwrümi

4.1. **Aýratyn kategoriýalar:** HK jynsy ýa-da milli degişliligi, syýasy garaýyşlary, dini ýa-da filosofiki ynamlary, şahsy durmuşy we sud edilenligi baradaky şahsy maglumatlaryň işlenilmegini amala aşyrmaýar, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa degişli däldir.

4.2. **Subýektleriň we maglumatlaryň kategoriýalary:** HK hünär işini amala aşyrmak üçin, zerur bolan möçberde şahsy maglumatlaryň aşakdaky kategoriýalaryny işläp biler:

- **HK-nyň işgärleriniň maglumatlary:** doly ady, doglan senesi, pasport maglumatlary, hasaba alnan we ýaşaýan salgysy, habarlaşmak üçin maglumatlar, tehniki maglumatlar (loginler, giriş rugsatlary), hünär derejesi, bilimi we iş tejribesi baradaky maglumatlar;
- **Müşderileriň, sargytçylaryň we kontragentleriň maglumatlary:** şertnamalary baglaşmak we ýerine ýetirmek üçin zerur bolan maglumatlar, şol sanda ýuridik şahslaryň wekilleriniň maglumatlary;
- **Iş gözleýänleriň (dalaşgärleriň) maglumatlary:** işe ýerleşmek mümkinçiligini baha bermek üçin, dalaşgärler tarapyndan rezýumelerde we sowalnamalarda berlen maglumatlar;
- **Gelenleriň maglumatlary:** HK-nyň ofislerine ýa-da hyzmat ediş nokatlaryna gelýän şahslar baradaky maglumatlar (şol sanda, eger bar bolsa, giriş gözegçilik we wideogözegçilik ulgamlarynyň maglumatlary);
- **Beýleki maglumatlar:** HK-nyň kanuny borçnamalaryny ýerine ýetirmek ýa-da öz bähbitlerini goramak üçin, zerur ýygnanan islendik beýleki maglumatlar.

## 5. Şahsy maglumatlaryň subýektleriniň hukuklary

- Öz maglumatlaryny işlemek barada maglumat almak;
- Maglumatlaryň düşündirilmegini, bloklanmagyny ýa-da öçürilmegini talap etmek;
- Işlemäge berlen razylygy yzyna almak;
- HK-nyň hereketleri boýunça, ygtyýarly edaralara şikaýat etmek.

## 6. Şahsy maglumatlaryň üçünji taraplara berilmegi

6.1. Şahsy maglumatlar aşakdakylara berlip bilner:

- Maglumatlar subýektiniň razylygy bilen;
- Kanunçylyga laýyklykda döwlet edaralarynyň sorap almagy boýunça;
- HK-nyň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin, üçünji taraplar çekilende (konfidensiallyk we maglumatlary goramak hakynda ylalaşyklary baglaşmak şerti bilen).

## 7. T Maglumatlaryň serhetüsti berilmegi

7.1. HK şahsy maglumatlaryň serhetüsti berilmegini, diňe maglumatlaryň degişli derejede goragyny üpjün edýän döwletlere ýa-da maglumatlar subýektiniň ýazmaça razylygy bolan ýagdaýynda amala aşyrýar.

## 8. Şahsy maglumatlary saklamagyň möhletleri

8.1. Şahsy maglumatlar olary işlemegiň maksatlaryna ýetmek, şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirmek ýa-da kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmek üçin, zerur bolan möhletden artyk saklanylmaýar. Saklamagyň möhleti tamamlanandan soň, maglumatlar ýok edilmeli ýa-da anonimleşdirilmeli.

## 9. Şahsy maglumatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreler

- Girişi çäklendirmek;
- Wirusa garşy gorag serişdesi we maglumatlaryň syzyp çykmagynyň öňüni almak;
- Maglumatlaryň ätiýaçlyk nusgasyny döretmek;
- HK-nyň işgärleriniň işine gözegçilik etmek;
- HK-nyň işgärleriniň öz ulgam hasabyna girmek üçin, özbaşdak gaýtalanmaz giriş adyny we parol goýmagy;
- Howpsuz aragatnaşyk ýollary;
- Yzygiderli audit barlaglary we töwekgelçiliklere baha bermek.

## 10. Jogapkärçilik

10.1. Kanunçylygyň we şu «Syýasatyň» talaplaryny bozmakda günäkär edilen şahslar düzgün-nyzam, dolandyryş, raýat-hukuk ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.

HK-nyň ýolbaşçysy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň Baş direktory | M.W. Şwydko | ____________ | «10» noýabr 2025 ýyl |
|---|---|---|---|
| (wezipesi) | (F.A.A.a.) | | (sene) |

ASGABAT ŞÄHERI, HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ» TÜRKMENISTAN